# Aýakly degirmen

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýakly degirmen AÝAKLY DEGIRMEN




Penjirämiň tutusyny
Säher syryşym deý bir ýan.
Batly-batly gadam urup,
Men ümüri syryp barýan.
Dagdan kem-kem eňip sähra
Ýeňip barýan ümüri men.
Yzda galdy dagly oba
Hemem şol köne degirmen.
Bir çak onuň töweregi
Şagalaňly-şowhunlydy.
Onuň ähli kuwwaty hem
Suw aýlaýan çarhyndady.
Degirmene barýan ýoda
Indi haşal ot bitipdir.
Goja öwrülen çagalar
Oň şowhunyn äkidipdir.
Indi bolsa hiç kim oňa
Galdyranok gabagynam.
Başga iş-derdi artypdyr
Könemöwrit babamyňam.
Oňa intipisem etmän
Adamlar geçýär deňinden.
Hemme zatdan gadyrlydy
Gerek wagty şol degirmen.

“Ah, adamlar, siz nämüçin
Beýle biparh hem doňýürek?!
Men bolsam hut siziň üçin
Bolupdym ahyr janserek.
Aýlanmaz diýp aýdypdyňyz
Men bolmasam çarhypelek.
Çarhlarym aýlanmasa-da,
Aýlanyp dur harsypelek”
Diýip dil açdy degirmen,
Ötüp barýarkam deňinden.
Indem sähra ýetip barýan,
Men ümüri syryp birýan.
Birdenem öňden bir ýerden
Sesi eşdildi maşynyň.
Arlap gelýär, gürläp gelýär,
Arlaýşy deý dagly şiriň.
Şol ýük maşynyň arkasy
Halta-halta undan doly.
Ol dumany böwsüp gelýär,
Süsüp gelýär äpet dagy.
Üsti undan ýükli maşyn
Aýakly degirmen göýä.
Oň yzyndan çagajyklar
Telpeklerin zyňýar göge.
Açlykda kän adamlary
Alyp çykdy kyn döwürden.
Maşyn ýoluň gyrasynda
Unudylan şol degirmen.
***

Çeşme bolup ýaşlygymyň
Akan ýeri bu ýerler.
Ýaz gelende gül geýiner
Munda daglar, baýyrlar.

Bu ýerleriň göge ýakyn,
Ýyldyza baý gijesi.
Tüýnükden jyklan ýyldyzyň
Öýňe geler giresi…

El uzatsaň, eliň ýetjek –

Ýetjek ýaly Asmana.
Guşlaram düşünýän ýaly
Meniň şatlyk-gussama.

Başym egip kän oturdym,
Sazyn diňläp bulagyň.
Aýagym suwa batyrdym,
Posun açdym gulagyň.

Guşlar baky toý tutupdyr,
Arasynda gür bagyň.
Bu ýer döwran süren ýeri
Meniň kakam Gurbanyň.

***

Ýazylmadyk zatlar hakda ýazmadym,
Ýazdym bahar hakda, il-günüm hakda.
Ýazan şygyrlamda meniň ýazgydym,
Muňa ynanmady hötjetler hatda.

Ýazan goşgulamdan sowaşamda men,
Ýazylmadyk goşgym güýmedi meni.
Tüýs şahyr bolmagyň höwesinde men,
Ine, şu höwesim gynady meni.

Iliň zergäri bar, gahrymany bar,
Bar iliň daýhany, işçi, alymy…
Şol iliň başyna kyn iş düşende,
Şahyram alýandyr iliň aryny.

Şahyr şat gününde şadydyr iliň,
Kyn gününde şahyr iliň güýjüdir.
Beýik şahyr beýik şasydyr iliň,
Duşman üçin bir elýetmez täjidir.

Şahyry kyn günleň döredýäni çyn,
Meniň bolsa bar höwesim baharda.
Ýazýan Ýer ýüzünde şat günler üçin,